# Gowy görülen goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gowy görülen goşgy GOWY GÖRÜLEN GOŞGY




Durmuş diýlen – syr ullakan,
Oýlap bilinmez oýny kän.
Zäkmi, duzmy ýa şekermi?
Datmankaň duýup bolanok.
Aňlatmaz saýlap, seçeňde,
“Adam alasy içinde”.
Ogrymy, dogry? Ýerinde
Tutmankaň duýup bolanok.

Dost-dogan ýa garyndaşyň,
Gorajagyn içiň, daşyň,
Günlerde bir agyr güne,
Batmankaň duýup bolanok.

Kä zenan diýlen milletiň,
Wepasyn, hüý-häsiýetin,
Ykbalyn öz ykbalyňa,

Çatmankaň duýup bolanok.

Dünýe – görmegeý gözýetim.
Öz dogduk depäň lezzetin,
Topragyn ysgap, goýnunda
Ýatmankaň duýup bolanok.

Tutuş heňňam gizlin bir syr,
Nirde jebir, nirde mähir.
Aglaba, altmyş-ýetmişe
Ýetmänkäň duýup bolanok.

2012 ý. Goşgular